#166 (188)
среда, 28 февраля 2024 года

Интернет газета
Международные новости

Учредитель — Министерство иностранных дел Туркменистана



# TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETINIŇ GIŇIŞLEÝIN MEJLISI



2024-nji ýylyň 23-nji fewralynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow sanly ulgam arkaly Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisini geçirdi. Onda ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň möhüm meselelerine we käbir resminamalaryň taslamalaryna garaldy.

Ilki bilen, Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary H.Geldimyradowa söz berildi. Ol Türkmenistanyň Prezidentiniň adyndan Halkara zenanlar güni mynasybetli pul sowgatlaryny bermek hakynda Buýrugyň taslamasynyň taýýarlanylyşy barada hasabat berdi. Türkmenistanyň Prezidentiniň degişli Kararyna laýyklykda, bu ugurda netijeli işler geçirildi. Bellenilişi ýaly, bu maksatlar üçin maliýe serişdeleriniň zerur bolan möçberi göz öňünde tutuldy.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hasabaty diňläp, Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzyň gülläp ösmeginde zenanlaryň uly işleri bitirýändiklerini belledi. Mähriban enelerimize we eziz uýalarymyza hormat goýmak baradaky ata-babalarymyzyň asylly däplerini dowam etdirmek maksady bilen, döwlet Baştutanymyz degişli Buýruga gol çekdi. Hormatly Prezidentimiz resminamany sanly ulgam arkaly wise-premýere iberip, Halkara zenanlar güni mynasybetli gelin-gyzlara pul sowgatlaryny dabaraly ýagdaýda gowşurmagy tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Amanow "Türkmennebit" döwlet konserni tarapyndan nebitiň çykarylýan möçberini artdyrmak boýunça görülýän çäreler barada hasabat berdi.

Bellenilişi ýaly, döwlet konserni nebitgaz ýataklarynda degişli işleri amala aşyrýar. Nebitiň çykarylyşyny artdyrmak maksady bilen, ýurdumyzyň günbatar sebitinde işlenip geçilýän geljegi uly ýataklarda täze meýdançalary özleşdirmek işi dowam etdirilýär. Häzirki wagtda guýularyň birnäçesi hereket edýär we meýilnama laýyklykda, täze guýular burawlanylýar. Bu işlerde öňdebaryjy usullar hem-de halkara tejribeler giňden ulanylýar. Şeýle-de guýularyň önümliligini ýokarlandyrmak, täze guýulary netijeli burawlamak üçin döwrebap abatlaýyş hyzmatlary amala aşyrylýar we ugurdaş enjamlar bilen üpjün edilýär.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hasabaty diňläp, ýurdumyzda nebitiň çykarylyşyny artdyrmaga möhüm ähmiýet berilmelidigini belledi. «Türkmennebit» döwlet konserniniň bu ugurdaky işi ylmy esasda alnyp barylmalydyr. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyz konserniň maddy-enjamlaýyn üpjünçiligini yzygiderli gowulandyrmak boýunça işleri dowam etdirmegiň zerurdygyna ünsi çekdi hem-de wise-premýere bu babatda birnäçe tabşyryklary berdi.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary T.Atahallyýew obasenagat toplumynda we ýurdumyzyň sebitlerinde möwsümleýin oba hojalyk işleriniň alnyp barlyşy barada hasabat berdi. Bellenilişi ýaly, gowaça ekiljek meýdanlarda ýerleri ekiş möwsümine taýýarlamak boýunça degişli çäreler görülýär, oba hojalyk tehnikalary hem-de tohumlyk gowaça çigitleri taýýarlanylýar. Şunuň bilen bir hatarda, bugdaýyň bol hasylyny ösdürip ýetişdirmek maksady bilen, bugdaý ekilen meýdanlarda ideg işleri dowam edýär, ilatymyzy ýurdumyzda öndürilen ýeralma, gök-bakja önümleri bilen ýeterlik möçberde üpjün etmek boýunça zerur işler alnyp barylýar.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, gowaça ekiljek meýdanlarda ýerleri ekiş möwsümine taýýarlamagyň, bugdaý meýdanlarynda ideg işleriniň geçirilişine möhüm ähmiýet bermegiň, bu işleri agrotehniki möhletlerde, ýokary hilli geçirmegiň zerurdygyny nygtady. Döwlet Baştutanymyz oba hojalyk ekinlerini suw bilen ýeterlik möçberde üpjün etmegiň wajypdygy barada aýdyp, wise-premýere ýurdumyzyň howdanlarynda suw toplamak işlerine uly üns bermegi tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Annamämmedow Aşgabat atçylyk sport toplumynyň durkuny täzelemek boýunça alnyp barylýan işler barada hasabat berdi.

Mälim bolşy ýaly, Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Türkmenistanda gözelligiň ajaýyp nusgasy bolan behişdi bedewleriň şan-şöhratyny dünýä ýaýmak, atçylyk pudagyny ösdürmek, atlary ösdürip ýetişdirmek, olaryň baş sanyny artdyrmak üçin ähli zerur çäreler durmuşa geçirilýär. Taslama laýyklykda, atçylyk sport toplumynyň çäginde goşmaça täze athanalary, weterinar dermanhanany we at esbaplar dükanyny, açyk görnüşli awtoduralgany, suw howdanlaryny, tehniki binalary gurmak, dürli ölçegdäki monitorlary, döwrebap enjamlar gurnamak göz öňünde tutulýar. Bulardan başga-da, ozaldan bar bolan athanalaryň, esasy girelgäniň, tomaşaçylar münberiniň, karantin binasynyň, sport meýdançasynyň, açyk manežiň durkuny täzelemek we ýanaşyk ýerlerini abadanlaşdyrmak meýilleşdirilýär.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, ahalteke bedewleriniň halkymyzyň milli buýsanjydygyny nygtady. Ýurdumyzda atçylygy, şol sanda atçylyk sportuny ösdürmäge uly üns berýäris diýip, döwlet Baştutanymyz wise-premýere Aşgabat atçylyk sport toplumynyň durkuny täzelemegi, bu ugurda alnyp barylýan işleriň ýokary hilli ýerine ýetirilmegini berk gözegçilikde saklamagy tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Atdaýew dokma senagatyny ösdürmek, pudagyň kärhanalaryny döwrebaplaşdyrmak boýunça amala aşyrylýan işler barada hasabat berdi.

Wise-premýer döwrebap tehnologiýalar bilen üpjün edilen kärhanalarda ýokary hilli dokma önümleriniň öndürilýändigini, olara içerki we daşarky bazarlarda uly isleg bildirilýändigini belledi. Şunuň bilen baglylykda, dokma senagaty kärhanalarynyň işini mundan beýläk-de

(Dowamy 2-nji sahypada).

## НАЦИОНАЛЬНЫЙ ЛИДЕР ТУРКМЕНСКОГО НАРОДА, ПРЕДСЕДАТЕЛЬ ХАЛК МАСЛАХАТЫ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ ИМПЕРАТОРА ЯПОНИИ

Национальный Лидер туркменского народа, Председатель Халк Маслахаты Туркменистана Гурбангулы Бердымухамедов направил сердечные поздравления и наилучшие пожелания Императору Японии Нарухито по случаю дня рождения Его Величества.

В своём послании Герой-Аркадаг выразил уверенность в том, что налаженное между Туркменистаном и Японией эффективное сотрудничество будет и далее успешно развиваться в интересах наших народов.

Пользуясь этой возможностью, Национальный Лидер туркменского народа, Председатель Халк Маслахаты Туркменистана выразил Императору Нарухито искренние пожелания крепкого здоровья, счастья и благополучия, а всему народу Японии – мира, прогресса и процветания.

## ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ ПРЕЗИДЕНТА ЭСТОНСКОЙ РЕСПУБЛИКИ

Президент Туркменистана Сердар Бердымухамедов направил сердечные поздравления и наилучшие пожелания Президенту Эстонской Республики Алару Карису по случаю национального праздника – Дня независимости Эстонской Республики.

Пользуясь возможностью, глава государства выразил Президенту Алару Карису крепкого здоровья и счастья, а всему народу Эстонской Республики – мира, дальнейшего прогресса и процветания.

## ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ ПРЕЗИДЕНТА ТУРЕЦКОЙ РЕСПУБЛИКИ

Президент Сердар Бердымухамедов направил сердечные поздравления и наилучшие пожелания Президенту Турецкой Республики Реджепу Тайипу Эрдогану по случаю его 70-летнего юбилея.

«В течение многих лет работая на различных высших государственных должностях, Вы уделяете большое внимание последовательному развитию своей страны, защите интересов народа и претворению в жизнь национальных стратегий и программ. Под Вашим дальновидным руководством Турецкая Республика в настоящее время вносит достойный вклад в обеспечение глобального мира и устойчивого развития, удостоилась огромного уважения и авторитета в регионе и далеко за его пределами», – отмечается в послании.

Президент Сердар Бердымухамедов подчеркнул, что «одним из важных направлений внешней политики Туркменистана является последовательное развитие и укрепление стратегических и долгосрочных отношений с Турецкой Республикой по различным направлениям. Наше сотрудничество основывается на нерушимой дружбе и братстве наших народов, берущих своё начало из глубины веков, общности истории, языка и религии.

В межгосударственном сотрудничестве мы всегда исходим из основного принципа «Одна нация – два государства». А это в свою очередь служит прочной основой для согласованных действий Туркменистана и Турции как на двустороннем уровне, так и на международной арене.

Отрадно констатировать, что в настоящее время наши отношения совершенствуются на современном уровне по политико-дипломатическим, торгово-экономическим, культурно-гуманитарным и другим направлениям.

Необходимо отметить, что нашему политическому сотрудничеству характерны взаимопонимание и прогресс. Мы высоко ценим поддержку Турцией внешнеполитического курса нейтралитета Туркменистана и выдвигаемых инициатив.

Наши страны последовательно выступают за сохранение всеобщего мира и безопасности, объединение усилий международного сообщества в достижении Целей устойчивого развития. А это ярко проявляется в надёжном и тесном сотрудничестве Туркменистана и Турции в рамках международных организаций, в первую очередь Организации Объединённых Наций.

Хочу отметить, что за последние годы Туркменистан активно участвует в работе Организации тюркских государств. Мы нацелены и далее развивать диалог в рамках данной Организации как инструмента многостороннего сотрудничества между тюркскими народами, основывающегося на нашей общей истории и географической близости.

Отрадно констатировать, что из года в год достигаются новые рубежи в торгово-экономической области. Турецкая Республика является одной из крупнейших стран во внешнеторговых отношениях Туркменистана. Многочисленные турецкие компании, участвуя в реализации экономических проектов нашей страны, способствуют диверсификации национальной экономики, претворению в жизнь проектов социального назначения.

Важное место в отношениях между Туркменистаном и Турцией занимают культура, искусство, наука и образование. Это имеет большое значение в развитии сотрудничества, сохранении и пропаганде общего культурно-исторического наследия, сближении туркменского и турецкого народов, укреплении взаимопонимания и доверия.

Вы широко известны в Туркменистане и пользуетесь огромным уважением как истинный друг, мудрый и дальновидный государственный деятель.

В качестве высокой оценки Вашего труда, Вы в 2021 году были награждены орденом Туркменистана «Hyzmatdaşlygy ösdürmäge goşan goşandy üçin» («За вклад в развитие сотрудничества»).

Следуя исконным традициям туркменского народа добрососедства и уважения к старшему поколению, оценивая Ваш огромный личный вклад в развитие туркмено-турецких отношений, Ваши заслуги, направленные на сплочённость наших народов, а также по случаю 70-летнего юбилея решено присвоить Вам, господин Реджеп Тайип Эрдоган, почётное звание «Hormatly il ýaşulusy» Туркменистана».

Пользуясь этой приятной возможностью, Президент Сердар Бердымухамедов от имени всего туркменского народа сердечно поздравил Президента Реджепа Тайипа Эрдогана с присвоением этого высокого звания и выразил пожелания крепкого здоровья, счастья и семейного благополучия, а братскому народу Турецкой Республики – мира, дальнейшего прогресса и процветания.

## НАЦИОНАЛЬНЫЙ ЛИДЕР ТУРКМЕНСКОГО НАРОДА, ПРЕДСЕДАТЕЛЬ ХАЛК МАСЛАХАТЫ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ ПРЕЗИДЕНТА ТУРЕЦКОЙ РЕСПУБЛИКИ

Национальный Лидер туркменского народа, Председатель Халк Маслахаты Туркменистана Гурбангулы Бердымухамедов направил искренние поздравления Президенту Турецкой Республики Реджепу Тайипу Эрдогану по случаю его 70-летнего юбилея.

«Под Вашим мудрым руководством Турецкая Республика достигает социально-экономического прогресса, играет важную роль на международной арене в обеспечении мира и безопасности. Считаю достойным отметить Ваш личный вклад в последовательное наращивание двусторонних отношений между Туркменистаном и Турецкой Республикой», – подчеркнул Герой-Аркадаг, выразив готовность прилагать совместные усилия для дальнейшего развития сотрудничества на основе принципов долгосрочности и доверия в интересах наших братских народов.

Пользуясь этой приятной возможностью, Национальный Лидер туркменского народа, Председатель Халк Маслахаты Туркменистана выразил Президенту Турецкой Республики Реджепу Тайипу Эрдогану искренние пожелания крепкого здоровья, счастья и успехов во всех начинаниях.

## ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ ЭМИРА ГОСУДАРСТВА КУВЕЙТ

Президент Туркменистана Сердар Бердымухамедов направил сердечные поздравления и наилучшие пожелания Эмиру Государства Кувейт Шейху Мишаалю Аль-Ахмаду Аль-Джаберу Аль-Сабаху по случаю Национального дня Государства Кувейт.

Пользуясь этой возможностью, глава государства адресовал Эмиру Шейху Мишаалю Аль-Ахмаду Аль-Джаберу Аль-Сабаху пожелания крепкого здоровья и счастья, а всему народу Государства Кувейт – мира, дальнейшего прогресса и процветания.



## TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI BIRLEŞEN ARAP EMIRLIKLERINIŇ WISE-PREZIDENTI, PREMÝER-MINISTRINIŇ ORUNBASARY BILEN DUŞUŞDY

Şu gün hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow ýurdumyza gelen Birleşen Arap Emirlikleriniň wise-prezidenti, Premýer-ministriniň orunbasary, Prezidentiň iş dolandyryş ministri Şeýh Mansur bin Zaýed Al Nahaýýan bilen duşuşdy.

Hormatly Prezidentimiz BAE-niň wise-prezidenti, Premýer-ministriniň orunbasary, Prezidentiň iş dolandyryş ministrini türkmen topragynda mähirli mübärekläp, netijeli döwletara gatnaşyklaryň däp bolan dostluk, birek-birege hormat goýmak häsiýetine eýedigini kanagatlanma bilen belledi. Hyzmatdaşlyk ikitaraplaýyn, köptaraplaýyn görnüşde, abraýly halkara guramalaryňdyr düzümleriň çäklerinde yzygiderli ösdürilýär.

Şeýh Mansur bin Zaýed Al Nahaýýan mähirli kabul edilendigi üçin döwlet Baştutanymyza hoşallyk bildirdi we Birleşen Arap Emirlikleriniň Prezidenti Şeýh Mohammed bin Zaýed Al Nahaýýanyň hem-de BAE-niň wise-prezidenti, Premýer-ministri, goranmak ministri, Dubaýyň häkimi Şeýh Mohammed bin Raşid Al Maktumyň mähirli salamyny ýetirdi. Nygtalyşy ýaly, özüni ygtybarly we jogapkärli hyzmatdaş hökmünde görkezen doganlyk Türkmenistan bilen netijeli gatnaşyklaryň ösdürilmegine BAE-de aýratyn ähmiýet berilýär.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Birleşen Arap Emirlikleriniň ýolbaşçylaryna salamyny we iň gowy arzuwlaryny beýan edip, ýurtlarymyzyň köpýyllyk hyzmatdaşlyk tejribesiniň hem-de uly mümkinçilikleriniň bardygyny aýtdy. Munuň özara bähbitli gatnaşyklary mundan beýläk-de ösdürmek we diwersifikasiýalaşdyrmak, täze anyk mazmun bilen baýlaşdyrmak üçin berk binýat bolup durýandygyny belledi.

Duşuşygyň barşynda okgunly ösüşe eýe bolan hyzmatdaşlygyň esasy ugurlary barada gyzyklanma bildirilip pikir alşyldy. Şunuň bilen baglylykda, ýokary derejedäki gatnaşyklaryň türkmen-emirlikler hyzmatdaşlygyny pugtalandyrmakda möhüm ähmiýeti bellenildi. Şeýle hem geçen ýylyň dekabrynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň Birleşen Milletler Guramasynyň Howanyň üýtgemegi baradaky Çarçuwaly konwensiýasyna gatnaşyjy taraplaryň 28-nji maslahatyna (COP28) gatnaşmak üçin Birleşen Arap Emirliklerine amala aşyran iş sapary, türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň şu ýylyň ýanwarynda BAE-de iş saparynda bolmagy döwletara dialogyň taryhyndaky möhüm wakalara öwrüldi. Yzygiderli geçirilýän duşuşyklaryň we gepleşikleriň uzak möhletleýin geljege gönükdirilen hyzmatdaşlygyň möhüm ugurlaryny kesgitlemäge, gazanylan ylalaşyklary iş ýüzünde durmuşa geçirmek üçin bilelikdäki hereketleri işläp taýýarlamaga mümkinçilik berýändigi nygtaldy.

Ynsanperwer ulgam hem türkmen-emirlikler gatnaşyklarynyň aýrylmaz bölegidir. Ylym, bilim, medeniýet, sport ulgamlary boýunça özara hyzmatdaşlyk, bu ugurda bilelikdäki çäreleriň geçirilmegi iki halky ýakynlaşdyrmagyň, dostluk we özara düşünişmek ýörelgelerine esaslanýan gatnaşyklary pugtalandyrmagyň möhüm şertidir. Şeýlelikde, özara bähbitlilige we ynanyşmaga esaslanýan hyzmatdaşlygyň köpýyllyk tejribesi taraplaryň hoşniýetliliginiň aýdyň görkezijisi bolup, däbe öwrülen gatnaşyklary hil taýdan täze, döwrüň talaplaryna laýyk gelýän derejä çykarmak babatdaky maksatlaryny açyp görkezýär.

Duşuşygyň ahyrynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow we Birleşen Arap Emirlikleriniň wise-prezidenti, Premýer-ministriniň orunbasary, Prezidentiň iş dolandyryş ministri Şeýh Mansur bin Zaýed Al Nahaýýan netijeli döwletara gatnaşyklaryň geljekde-de umumy bähbitleriň hatyrasyna işjeň ösdüriljekdigine ynam bildirdiler.

Döwlet Baştutanymyz we belent mertebeli myhman hoşlaşyp, birek-birege hem-de iki ýurduň doganlyk halklaryna iň gowy arzuwlaryny beýan etdiler.

---

## TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETINIŇ GIŇIŞLEÝIN MEJLISI

*(Başlangyjy 1-nji sahypada).*

kämilleşdirmek, önümçilikleri doly kuwwatynda işletmek we eksportyň möçberini artdyrmak maksady bilen, degişli işler alnyp barylýar.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, ýurdumyzyň dokma kärhanalarynyň düşewüntliligini ýokarlandyrylmagyny hem-de pudagyň maliýe-ykdysady işiniň hemişe kämilleşdirilmegini gözegçilikde saklamagy wise-premýere tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary M.Mämmedowa şu ýylyň mart aýynda geçiriljek esasy çäreleriň we medeni-durmuş maksatly binalaryň açylyp ulanmaga berilmeginiň tertibi barada hasabat berdi.

Geljek aýda dürli maslahatlary, duşuşyklary, mediaforumlary, wagyz-nesihat çärelerini, sergileri we aýdym-sazly dabaralary, gezelençleri guramak, ozal yglan edilen döredijilik bäsleşikleriniň jemini jemlemek göz öňünde tutulýar. Beýik türkmen şahyry we akyldary Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygy hem-de Änew şäheriniň 2024-nji ýylda "Türki dünýäsiniň medeni paýtagty" diýlip yglan edilmegi mynasybetli surata düşürilen kino we dokumental filmleri görkezmek meýilleşdirilýär.

Däp bolşy ýaly, ýurdumyzda giňden bellenilýän Halkara zenanlar güni mynasybetli baýramçylyk çäreleri we dabaralar guralar. «Türkmeniň ak öýi» binalarynyň öňündäki baýramçylyk meýdançalarynda, "Nowruz ýaýlasynda", Arkadag şäherindäki baýramçylyk meýdançasynda Milli bahar baýramy mynasybetli dabaralary geçirmek meýilleşdirilýär. Mundan başga-da, «Türkmenistanda syýahatçylygy ösdürmegiň esasy ugurlary we mümkinçilikleri» atly halkara maslahaty, daşary ýurtlaryň köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekilleriniň gatnaşmagynda «Türkmen topragy — gadymy medeniýetleriň merkezi» atly metbugat maslahatyny guramak meýilleşdirilýär.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hasabaty diňläp, mart aýynda göz öňünde tutulan esasy çäreleri we medeni-durmuş maksatly binalaryň açylyş dabaralaryny guramaçylykly geçirmegiň wajypdygyny nygtap, wise-premýere bu babatda anyk tabşyryklary berdi.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary Änew şäheriniň 2024-nji ýylda "Türki dünýäsiniň medeni paýtagty" diýlip yglan edilmegi mynasybetli guraljak çärelere badalga bermek dabarasyny geçirmegiň guramaçylyk meseleleri barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiziň Karary bilen tassyklanan Meýilnama laýyklykda, "Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy" ýylynyň 26-njy martynda Ahal welaýatynyň Ak bugdaý etrabynyň "Nowruz ýaýlasyndaky" "Türkmeniň ak öýi" binasynda bu waka mynasybetli guraljak çärelere badalga bermek dabarasyny geçirmek meýilleşdirilýär. Dabaranyň çäklerinde türki halklaryň wekilleriniň gatnaşmaklarynda birnäçe çäreleri, konserti, şekillendiriş we amaly-haşam sungatynyň hem-de fotosuratçylaryň eserleriniň sergisini, halkara ylmy maslahaty, TÜRKSOÝ-na agza ýurtlaryň döwlet we milli muzeýleriniň ýolbaşçylarynyň maslahatyny geçirmek göz öňünde tutulýar. Şunuň bilen birlikde, daşary ýurtlaryň köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň wekilleriniň gatnaşmagynda metbugat maslahatyny guramak meýilleşdirilýär.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, Änew şäheriniň gadymy taryhynyň bardygyny nygtady. Bu taryh halkymyzyň geçmişi bilen berk baglydyr. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyz Änewiň 2024-nji ýylda "Türki dünýäsiniň medeni paýtagty" diýlip yglan edilmegi mynasybetli halkara derejeli çäreleriň ýokary derejede guralmagyny üpjün etmegi tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary N.Amannepesow "Gadymy Änew medeniýeti" atly halkara ylmy maslahaty geçirmäge görülýän taýýarlyk barada hasabat berdi.

Bellenilişi ýaly, Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe milli mertebäniň we buýsanjyň gymmatly çeşmelerine öwrülen şöhratly taryhymyz, maddy hem-de ruhy mirasymyz ylmy esasda düýpli öwrenilýär. Türki medeniýetiň halkara guramasyna (TÜRKSOÝ) agza döwletler tarapyndan gadymy Änew şäheriniň 2024-nji ýylda "Türki dünýäsiniň medeni paýtagty" diýlip yglan edilmegi mynasybetli şu ýylyň 27-nji martynda "Gadymy Änew medeniýeti" atly halkara ylmy maslahat geçiriler. Oňa ýurdumyzdan, şeýle hem Amerikanyň Birleşen Ştatlaryndan, Russiýa Federasiýasyndan, Türkiýe, Özbegistan, Belarus, Gazagystan, Gyrgyz Respublikalaryndan we beýleki daşary ýurtlardan görnükli taryhçylaryň, arheologlaryň, Gündogary öwrenijileriň, professor-mugallymlaryň, ýaş alymlaryň, muzeý işgärleriniň gatnaşmagyna garaşylýar. Forumyň myhmanlary bu şäheriň şu ýylda "Türki dünýäsiniň medeni paýtagty" diýlip yglan edilmegi mynasybetli Änew şäherinde guraljak dabaralara we çärelere hem gatnaşarlar.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hasabaty diňläp, ýurdumyzyň taryhynyň müňýyllyklara uzap gidýändigini belledi. Änew türkmen topragynyň gadymy medeniýetleriniň mekany bolup durýar. Döwlet Baştutanymyz halkymyzyň şöhratly geçmişi bilen bagly halkara ylmy maslahatyň wajypdygyny belläp, wise-premýere ony guramaçylykly we ýokary derejede geçirmegi, bu işe alymlaryň giňden gatnaşmagyny üpjün etmegi tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri R.Meredow Türkmenistanyň Hökümeti bilen Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasynyň arasyndaky hyzmatdaşlygyň 2024-nji ýyl üçin iş meýilnamasy barada hasabat berdi.

Abraýly halkara guramalar bilen hyzmatdaşlygy ösdürmek ýurdumyzyň daşary syýasatynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri bolup durýar. Şolaryň hatarynda Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasy hem bar. Bu düzüm bilen gatnaşyklar netijeli, yzygiderli häsiýete eýe bolup, giň ugurlary öz içine alýar. Köpýyllyk hyzmatdaşlygy pugtalandyrmak, Bitarap Türkmenistanyň halkara başlangyçlaryny ilerletmek maksady bilen, degişli toplumlaýyn çäreler görülýär. Hususan-da, şu ýylyň martynda ÝHHG-niň Baş sekretarynyň ýurdumyza saparyny guramak, bu saparyň çäklerinde Aşgabatda Merkezi Aziýa döwletleriniň daşky gurşawy goramak ministrleriniň ýokary derejeli duşuşygyny geçirmek boýunça işler alnyp barylýar.

Mälim bolşy ýaly, 1999-njy ýyldan bäri paýtagtymyzda ÝHHG-niň merkezi hemişelik esasda öz işini alyp barýar. Bilelikdäki meýilnamalaryň çäklerinde soňky 25 ýylyň dowamynda dürli ugurlar boýunça 500-den gowrak taslama durmuşa geçirildi. Häzirki wagtda ÝHHG-niň Aşgabatdaky merkezi we ýurdumyzyň degişli döwlet edaralary bilen bilelikde 2024-nji ýylyň dowamynda durmuşa geçirilmegi meýilleşdirilýän taslamalaryň meýilnamasy taýýarlanyldy. Bu resminama laýyklykda, Türkmenistan bilen guramanyň özara gatnaşyklarynyň esasy ugurlary boýunça anyk çäreleri geçirmek göz öňünde tutulýar. Umuman, şu ýylyň dowamynda 37 sany taslamany amala aşyrmak meýilleşdirilýär.

Syýasy ulgamda parahatçylygy we howpsuzlygy pugtalandyrmaga, öňüni alyş diplomatiýasyny ösdürmäge, häzirki döwrüň wehimlerine we howplaryna garşy durmaga gönükdirilen taslamalaryň birnäçesini durmuşa geçirmek göz öňünde tutulýar. Ykdysady we ekologiýa ugurlarynda meýilleşdirilýän taslamalar ykdysadyýeti, sebitleýin ykdysady hyzmatdaşlygy ösdürmäge, energiýa netijeliligini ýokarlandyrmaga, ekologik howpsuzlygy berkitmäge, howanyň üýtgemegi bilen bagly möhüm meseleleri çözmäge ýardam eder. Ynsanperwer ulgamda hem birnäçe taslamalary amala aşyrmak meýilleşdirilýär. Şol taslamalarda ylym we bilim, adamyň hukuklaryny, azatlyklaryny goramak, ýurdumyzyň demokratik institutlarynyň esaslaryny kämilleşdirmek, gender deňligini üpjün etmek, raýatsyzlyk meselelerini çözmek, köpçülikleýin habar beriş serişdelerini ösdürmek ýaly ugurlarda çäreleri geçirmek göz öňünde tutulýar. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyzyň garamagyna degişli meýilnamanyň taslamasy hödürlenildi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hasabaty diňläp, halkara guramalar bilen hyzmatdaşlygy pugtalandyrmagyň Bitarap Türkmenistanyň daşary syýasy strategiýasynyň ileri tutulýan ugurlarynyň hatarynda durýandygyny nygtady. ÝHHG bilen üstünlikli köpýyllyk hyzmatdaşlyk munuň aýdyň güwäsidir. Döwlet Baştutanymyz işlenip taýýarlanan, bu gurama bilen mundan beýläk-de netijeli gatnaşyklary ösdürmäge gönükdirilen meýilnamanyň syýasy, ykdysady, ekologiýa we ynsanperwer ulgamlary öz içine alýandygyny belläp, wise-premýer, daşary işler ministrine ÝHHG bilen hyzmatdaşlygy işjeňleşdirmek boýunça işleri yzygiderli dowam etdirmegi tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentliginiň Baş direktory M.Çakyýew gözegçilik edýän düzümlerinde alnyp barylýan işleriň ýagdaýy, hususan-da, Türkmenbaşy Halkara deňiz portunyň işini mundan beýläk-de kämilleşdirmek boýunça ýerine ýetirilýän işler barada hasabat berdi.

Bellenilişi ýaly, portuň kuwwatyndan netijeli peýdalanmak, hödürlenilýän ulag hyzmatlarynyň gerimini giňeltmek we hilini ýokarlandyrmak, özara söwdany ösdürmek, üstaşyr gatnawlary artdyrmak boýunça zerur çäreler görülýär.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, ýurdumyzyň dünýäniň möhüm ulag geçelgeleriniň çatrygynda ýerleşýändigine ünsi çekdi hem-de agentligiň ýolbaşçysyna bu ugurda alnyp barylýan işleri mundan beýläk-de yzygiderli dowam etdirmegi tabşyrdy.

Mejlisde döwlet durmuşyna degişli başga-da birnäçe möhüm meselelere garaldy we olar boýunça degişli çözgütler kabul edildi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow sanly ulgam arkaly geçirilen Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisini jemläp, oňa gatnaşanlara berk jan saglyk, maşgala abadançylygyny, berkarar Watanymyzyň gülläp ösmegi ugrunda alyp barýan işlerinde uly üstünlikleri arzuw etdi.



## HALK MASLAHATYNYŇ PREZIDIUMYNYŇ NOBATDAKY MEJLISI BOÝUNÇA METBUGAT BEÝANNAMASY

2024-nji ýylyň 22-nji fewralynda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň başlyklygynda Maslahatlar merkezinde Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Prezidiumynyň mejlisi geçirildi.

Onuň gün-tertibine «Türkmenistany 2024-nji ýylda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň we maýa goýum Maksatnamasyny» durmuşa geçirmek, Halk Maslahatynyň işiniň esasy ugurlary boýunça Türkmenistanyň Mejlisi, ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary, jemgyýetçilik birleşikleri bilen bilelikde şu ýyl ýerine ýetirilmeli işleriň esasy ugurlary boýunça çäreleriň Meýilnamasyny ara alyp maslahatlaşmak bilen bagly meseleler girizildi.

Mejlise Halk Maslahatynyň Prezidiumynyň we Hökümetiň agzalary, Mejlisiň deputatlary, syýasy partiýalaryň, jemgyýetçilik birleşikleriniň, habar beriş serişdeleriniň wekilleri, beýleki çagyrylanlar gatnaşdylar. Türkmen halkynyň Milli Lideri Gurbanguly Berdimuhamedow mejlise gatnaşyjylaryň öňünde maksatnamalaýyn çykyş etdi.

Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy akyldar şahyr Magtymguly Pyragynyň 300 ýyllyk ýubileýini giňden belläp geçmek boýunça amala aşyrylýan işlere aýratyn üns çekdi.

Mejlisde Türkmen halkynyň Milli Lideri 2023-nji ýylda amala aşyrylan işleriň netijelerine syn berdi we jemi içerki önümiň ösüş depgininiň durnukly saklanandygyny belledi.

Geçen ýylda maýa goýum syýasaty üstünlikli amala aşyrylmagy bilen, önümçilik pudaklaryny, durmuş we hyzmatlar ulgamyny ösdürmäge köp möçberde serişdeler gönükdirildi. Şeýle-de, Arkadag şäheri dabaraly açylyp, onuň ikinji tapgyrynyň gurluşygyna badalga berildi.

Türkmenistan Birleşen Milletler Guramasynyň birnäçe düzümlerine saýlandy, şeýle hem onlarça halkara resminamalar kabul edildi. Milli gymmatlyklarymyz bilen Birleşen Milletler Guramasynyň Bilim, ylym we medeniýet meseleleri boýunça guramasynyň Adamzadyň maddy däl medeni mirasynyň sanawy has-da artdy.

Geçen ýyllarda gazanylan üstünlikleriň binýadynda «Türkmenistany 2024-nji ýylda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň we maýa goýum Maksatnamasy» işlenip taýýarlanyldy hem-de Türkmenistanyň Prezidentiniň Karary bilen tassyklanyldy.

Şunuň bilen baglylykda, türkmen halkynyň Milli Lideri Maksatnamanyň takyk hasaplamalaryna, ýetilen sepgitlere daýanmak bilen, maliýe-ykdysady taýdan, maýa goýumlaryň maksadalaýyklygy nukdaýnazaryndan esaslandyrylandygyny belledi.

Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy öňde goýlan wezipelerden we maksatlardan gelip çykýan aýratynlyklar barada aýdyp, ykdysady, senagat, önümçilik, söwda, hyzmatlar, öňdebaryjy tehnologiýalar we durmuş häsiýetli maksatlara üns çekdi.

Sanly ulgamlary giňden ornaşdyrmak, amatly işewürlik gurşawyny döretmek, döwlete dahylsyz bölegi ösdürmek esasy maksatlaryň hatarynda görkezildi.

Mejlisiň dowamynda ýurdumyzyň içerki ösüşi bilen bagly käbir görkezijilere üns çekildi. Bellenilişi ýaly, ýurdumyzyň ykdysady kuwwaty barha artdy, jemi içerki önümiň ösüş depgini durnukly saklandy. 2009-njy ýyldan bäri ortaça 6 göterimden ýokary ösüş emele geldi. Soňky 15 ýylyň dowamynda jemi içerki önümiň möçberi 3,7 esse artdy. Ýurdumyzda öndürilýän önümleriň görnüşleriniň barha köpeldi. Geçen ýyllar bilen deňeşdirilende, 2023-nji ýylda öndürilen senagat önümleriniň möçberi 3 esseden gowrak artdy. Içerki bazarda haryt üpjünçiligi doly kanagatlandyrylýar. 2023-nji ýylda bölek satuw haryt dolanyşygynyň möçberi 2008-nji ýyl bilen deňeşdirilende 8,5 esse artyp, 140 million manada barabar boldy.

Hukuk-kanunçylyk ulgamyna degişli wezipeler kesgitlenilip, olaryň arasynda: ýurdumyzda maýa goýumlary çekmek hem-de maýadarlary goramak we goldamak, jenaýatçylykly ýol bilen alnan girdejileriň kanunlaşdyrylmagyna garşy hereket etmek, salgydy dolandyrmak, salgytlaryň ýygnalyşynyň hilini ýokarlandyrmak, intellektual eýeçiligi goramak, intellektual eýeçilik hukuklaryny döwlet we halkara derejede goramagyň kepilliklerini üpjün etmek ýaly ugurlarda kanunçylyk binýadyny has-da kämilleşdirmek gaýragoýulmasyz çäreleriň hatarynda görkezildi. Şunuň bilen birlikde, Türkmenistanyň Bütindünýä Söwda Guramasyna goşulýan ýurt bolup durýandygyny nazara alyp, bu guramanyň düzgünlerine we ýörelgelerine laýyklykda milli kanunçylygy kämilleşdirmegiň zerurlygy bellenildi.

Türkmenistanyň Prezidentiniň içeri we daşary syýasy başlangyçlaryny kanunçylyk çygrynda goldamak, Türkmenistanyň Mejlisiniň gün tertibinde duran soraglar bilen bagly geçirmeli işlere aýratyn üns çekildi. Şunuň bilen baglylykda, raýat-hukuk gatnaşyklary babatda kanunçylygy kämilleşdirmek, halkara hususy hukugynyň kadalaryny ornaşdyrmak, döwre görä emläk, eýeçilik, şertnama-hukuk, hukuk bozulmalarynyň öňüni almak bilen bagly kanunçylygy kämilleşdirmek, döwlet hyzmatlaryny sanly ulgamlar arkaly amala aşyrmak, hukuk kömegini bermek, telekeçiligi döwlet tarapyndan goldamak, ykdysady işjeňligi üpjün etmek, ulag we logistika, dürli pudaklarda sanly hyzmatlary ösdürmek, kärhanalaryň işini, harytlaryň bäsdeşlige ukyplylygyny üpjün etmek, gurluşyk işleriniň kadalaryny düzgünleşdirýän kanunçylygy kämilleşdirmek, oba hojalyk önüm öndürijileri, tohumçylyk işini höweslendirmek, howanyň üýtgemegi, ekologiýa ýaly meselelere degişli kanunçylygy seljerip, möhüm işleri geçirmegiň wajypdygy bellenildi. Şeýle-de, durmuş syýasaty ulgamyna degişli, hususan-da, iş üpjünçiligini we zähmet gatnaşyklary, maşgalanyň, eneligiň hem-de çagalygyň goraglylygy, ýaşlary goldamak, saglygy goraýyş ulgamlaryna degişli kanunçylygy yzygiderli seljerip, degişli işleriň geçirilmeginiň zerurlygyna üns çekildi.

Mejlisde hereket edýän kanunçylygy kämilleşdirmek boýunça seljerme işlerini geçirmek, teklipleri işläp taýýarlamak üçin Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Diwanynda deputatlardan, beýleki döwlet edaralarynyň we jemgyýetçilik birleşikleriniň wekillerinden ybarat hukuk-bilermenler toparyny döretmek barada hem aýdyldy. Kanunlardan gelip çykýan kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň öz wagtynda işlenip taýýarlanylmagyny üpjün etmek we degişli edaralar tarapyndan gözegçilik, usuly, amaly, maslahat beriş toparlaryny döretmek, olaryň işini guramak geljegi uly ugurlaryň hatarynda görkezildi. Şunuň bilen birlikde, kanun çykaryjylyk işiniň nazary we amaly meseleleri boýunça alymlaryň, hünärmenleriň, bilermenleriň Halk Maslahatynyň agzalary we Mejlisiň deputatlary bilen duşuşyklaryny guramagyň, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisinde kabul edilen çözgütleriň, berlen tabşyryklaryň, Türkmenistanyň Prezidentiniň 2024-nji ýylda ýurdumyzy ösdürmegiň esasy ugurlaryna degişli kabul eden Kararlarynyň, tabşyryklarynyň ýerine ýetirilişi, ýurdumyzy ösdürmegiň orta we uzak möhletli Maksatnamalarynyň maksatlary we ileri tutulýan ugurlary barada maslahatlary geçirmegiň wajypdygy bellenildi.

Mejlisiň dowamynda ýurdumyzyň ykdysadyýetiniň dürli pudaklarynda zähmet çekýän raýatlara söz berildi we olaryň çykyşlarynda Türkmenistanyň ykdysadyýetiniň dürli pudaklarynda amala aşyrylýan işler barada maglumatlar öz beýanyny tapdy.

Mejlisde «Türkmenistany 2024-nji ýylda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň we maýa goýum Maksatnamasyny» durmuşa geçirmek boýunça ýerine ýetirilmeli işleriň we geçirilmeli çäreleriň Meýilnamasy hakynda» Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Prezidiumynyň Kararyna gol çekildi.

## THE WORKING VISIT OF THE DELEGATION OF THE PARLIAMENT OF TURKMENISTAN TO JAPAN

On February 21, 2024, in Tokyo, Chairperson of the Mejlis of Turkmenistan Dunyagozel Gulmanova arrived at the head of the delegation in Japan on a working visit.

The same day Turkmen delegation held a meeting with Japanese deputies led by the Secretary General of the Japanese-Turkmen Inter-Parliamentary Friendship Group, member of the House of Councilors of Japan, Shimpei Matsushita.

During the meeting, the parties emphasized the significance of inter-parliamentary cooperation in strengthening relations between the two friendly countries. It was noted that the activities of the Turkmen-Japanese Inter-Parliamentary Friendship Group play an important role in the development of this cooperation.

The parliamentarians exchanged views on improving the work of parliamentary friendship groups on a bilateral basis, establishing connections between relevant committees, and organizing mutual visits of delegations.

At the end of the meeting, the leaders and members of the Japanese-Turkmen interparliamentary friendship group were invited to take part in events held in Turkmenistan on the occasion of the 300th anniversary of the birth of the thinker and poet of the Turkmen people Magtymguly Fragi.

On second half of the day the Chairperson of the Mejlis of Turkmenistan D. Gulmanova met with Chief Cabinet Secretary of Japan Yoshimasa Hayashi.

During the meeting, the parties discussed issues related to the interparliamentary relations and cooperation between Turkmenistan and Japan across various domains including politics, economy, trade, culture, and the humanitarian sphere.

Chairperson of the Mejlis of Turkmenistan, D. Gulmanova, emphasized that Turkmenistan's state policy places significant emphasis on the continual advancement of international cooperation based on the principles of mutually beneficial partnership with countries worldwide, in particular with Japan.

Furthermore, it was emphasized that cooperation between Turkmenistan and Japan is thriving within the structures of international and regional organizations. In this context, particular focus was given to the "Central Asia + Japan" Dialogue.

During the meeting, the parties exchanged views on bilateral trade and economic relations and noted the need to continue working on promising projects, taking into account the implementation of large-scale and long-term programs in Turkmenistan with the participation of Japanese companies.

The meeting also highlighted the broadening of cultural and humanitarian cooperation between Turkmenistan and Japan. In this context, the significance of providing instruction in Turkmen and Japanese languages at higher educational institutions in both countries was underscored.

The Chief Cabinet Secretary of Japan, Yoshimasa Hayashi, emphasized that the National Leader of the Turkmen People, the Chairman of the Halk Maslahaty of Turkmenistan, Gurbanguly Berdimuhamedov, gave a high and positive assessment of the Turkmen-Japanese cooperation in the chapter entitled "A Good Person is Not Forgotten" from his book "Continuation of the Meaning of My Life".

In this regard, he emphasized the significance of further development and deepening of this fruitful cooperation and expressed gratitude to the esteemed President of Turkmenistan and the National Leader of the Turkmen people, Chairman of the Halk Maslahaty of Turkmenistan, for their attention to the Turkmen-Japanese partnership.

Интернет газета
Международные новости

## ВСТРЕЧА НАЦИОНАЛЬНОГО ЛИДЕРА ТУРКМЕНСКОГО НАРОДА, ПРЕДСЕДАТЕЛЯ ХАЛК МАСЛАХАТЫ ТУРКМЕНИСТАНА С ВИЦЕ-ПРЕЗИДЕНТОМ, ЗАМЕСТИТЕЛЕМ ПРЕМЬЕР-МИНИСТРА ОАЭ



21 февраля 2024 года в Международном аэропорту туркменской столицы состоялась встреча Национального Лидера туркменского народа, Председателя Халк Маслахаты Туркменистана Гурбангулы Бердымухамедова с Вице-президентом, заместителем Премьер-министра, министром по делам Аппарата Президента Объединённых Арабских Эмиратов Шейхом Мансуром бин Зайед Аль Нахайяном.

Прибывшему в Ашхабад высокопоставленному гостю был оказан тёплый приём со всеми подобающими почестями в лучших традициях туркменского гостеприимства.

Обменявшись дружескими рукопожатиями, Герой-Аркадаг и Вице-президент, заместитель Премьер-министра, министр по делам Аппарата Президента ОАЭ Шейх Мансур бин Зайед Аль Нахайян сфотографировались на фоне Государственных флагов двух стран.

Выразив признательность за оказанное гостеприимство, высокий гость подчеркнул, что искренне рад вновь побывать на туркменской земле.

Передавая сердечные приветствия от Президента Объединённых Арабских Эмиратов Шейха Мохаммеда бин Зайед Аль Нахайяна, а также от Вице-президента ОАЭ, Премьер-министра, министра обороны, правителя Эмирата Дубай Шейха Мохаммеда бин Рашид Аль Мактума, высокопоставленный представитель отметил особое значение дальнейшего расширения межгосударственных отношений с Туркменистаном, партнёрство с которым успешно развивается как на двусторонней, так и многосторонней основе, в частности, на платформе крупнейших международных организаций и авторитетных региональных структур.

Поблагодарив за добрые слова, Герой-Аркадаг Гурбангулы Бердымухамедов адресовал высшему руководству дружественной страны ответные наилучшие пожелания, подчеркнув, что Туркменистан искренне заинтересован во всестороннем углублении многоаспектного сотрудничества с государствами Ближнего Востока, прежде всего с Объединёнными Арабскими Эмиратами.

Об общем стремлении вывести традиционный диалог на качественно новый уровень, полностью отвечающий приоритетам социально-экономического развития и национальным интересам каждой из сторон, свидетельствует регулярность и исключительная продуктивность проводимых двусторонних встреч.

В данной связи Шейх Мансур бин Зайед Аль Нахайян отметил значимость визита Национального Лидера туркменского народа, Председателя Халк Маслахаты Туркменистана в ОАЭ в начале января текущего года.

Как подчёркивалось, договорённости, достигнутые в ходе проведённых тогда встреч и переговоров, дали новые мощные импульсы туркмено-эмиратскому сотрудничеству, способствовав ещё большему упрочению традиционных уз дружбы и братства между народами двух стран.

Собеседники с удовлетворением констатировали поступательное развитие многолетнего межгосударственного взаимодействия, располагающего большим потенциалом для дальнейшей диверсификации по всему спектру направлений.

В завершение встречи, тепло попрощавшись друг с другом, Национальный Лидер туркменского народа, Председатель Халк Маслахаты Туркменистана Гурбангулы Бердымухамедов и Вице-президент, заместитель Премьер-министра, министр по делам Аппарата Президента Объединённых Арабских Эмиратов Шейх Мансур бин Зайед Аль Нахайян выразили уверенность в успешном продолжении налаженного конструктивного диалога, всецело отвечающего интересам двух стран и их братских народов.

## THE PERMANENT MISSION OF TURKMENISTAN TO THE UN OFFICE AT GENEVA HELD A SIDE EVENT WITHIN THE FRAMEWORK OF THE 86TH SESSION OF THE ITC UNECE

On 22 February 2024, within the framework of the 86th High-Level Session of the Inland Transport Committee (ITC) of the United Nations Economic Commission for Europe (UNECE), at the initiative of the Permanent Mission of Turkmenistan to the UN Office at Geneva, a side event on "Towards Sustainable Transport: Best Practices, Challenges and Solutions" was organized jointly with the UNECE.




The side event was attended by representatives both at the level of heads of diplomatic missions and experts from more than 40 countries, including international organizations.

During the event, speeches were made by the heads of transport authorities of Turkmenistan, Tajikistan and Iran, as well as by UNECE Deputy Executive Secretary D. Maryasin, Secretary General of the International Road Transport Union Umberto de Pretto and others.

The meeting participants, dignitaries and experts in the field of transport highly appreciated Turkmenistan's leading role in promoting international cooperation in such an important segment of sustainable development as transport and the initiatives of the President of Turkmenistan to create favorable international conditions in the transport sector.

Representatives of the transport sector from different continents of the world exchanged views on the importance of the role of transport in ensuring smooth trade, economic growth and employment, the need to mitigate the effects of climate change and adapt transport chains to them.

# НОВОСТИ МИРА И РЕГИОНА

***В ТЮРКСОЙ дан старт мероприятиям в рамках года «Анау – культурная столица тюркского мира – 2024» и празднования 300-летия Махтумкули Фраги***

15 декабря 2022 года в столице состоялся очере20 февраля 2024 года в Генеральном секретариате Международной организации тюркской культуры (ТЮРКСОЙ) в Анкаре, состоялась церемония установки баннера, посвящённого избранию города Анау культурной столицей тюркского мира в 2024 году, а также празднованию 300-летия со дня рождения великого туркменского поэта и мыслителя Махтумкули Фраги.

На состоявшейся перед зданием ТЮРКСОЙ церемонии приняли участие Генеральный секретарь Международной организации тюркской культуры Султан Раев, Вице-президент Турецкой Республики Джевдет Йылмаз, руководители дипломатического корпуса, общественно-политических организаций и представители СМИ.

Таким образом, данная акция является ещё одним ярким свидетельством международного признания роли и значения Туркменистана в контексте развития международного культурно-гуманитарного сотрудничества.

***Представители Туркменистана прибыли в Казань на мультиспортивный турнир «Игры будущего»***

В международный аэропорт Казани прибыли представители Туркменистана для участия в первом в истории мультиспортивном турнире «Игры будущего». Церемония их открытия состоится 21 февраля в столице Татарстана Российской Федерации.

«Игры Будущего» – масштабное спортивное событие на стыке спорта, науки и технологий, основанное на концепции «фиджитал». Этот термин состоит из двух слов – physical (физический) и digital (цифровой), означая совмещение реального и виртуального.

Ожидается, что в «Играх будущего» примут участие свыше 270 команд из более чем 100 стран мира. Состав нашей команды сформирован из 15 спортсменов (14 студентов и 1 преподаватель), представляющих Инженерно-технологический университет Туркменистана имени Огуз хана.

***Церемония презентации первой книги Президента Туркменистана «Молодежь - опора Родины» в Узбекистане***

22 февраля 2024 года в Национальном университете Республики Узбекистан имени Мирзо Улугбека состоялась церемония презентации первой книги Президента Туркменистана «Молодежь - опора Родины».

Выступая на мероприятии, туркменские студенты отметили о том, что посвящение первой книги Главы государства вопросам, связанным с молодежью, является свидетельством того, что Президент Туркменистана всегда уделяет особое внимание молодежной политике.

В этой связи, туркменские студенты отметили, что свою любовь к Родине они выразят, достойно представляя культуру и традиции туркменского народа среди иностранных представителей, а также став профессионалами выбранной профессии.

***Материалы подготовлены на основе интернет-источников.***